Surface Pro zarýad bermesiz 14 sagada çenli işläp bilýär. 13 dýuým ekranly Surface Pro 1000 dollar bilen bahalandyrylýar. Flex Keyboard klawiaturasy topluma girmeýär we ol stilus bilen bilelikde 450 dollara düşýär.
Tanyşdyrylyşda hödürlenen ýene bir gurluş Microsoft Surface Laptop 6 noutbugy boldy. Bu gurluş hem Qualcomm Snapdragon X Elite prosessorynda işläp, doly zarýad bilen 22 sagada çenli işläp bilýär. Bu Surface noutbuklarynyň öňki neslinden 80% tizdir. Model 13,8 dýuým we 15 dýuým ekranly iki görnüşde elýeterli bolar. Birinjisi üçin baha 1000 dollardan, ikinjisi üçin 1200 dollardan başlaýar.
Kompýuterleriň täze eýýamy birnäçe emeli aň funksiýalaryny hödürleýän Copilot Plus-yň girizilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu funksiýalaryň arasynda ulanyjynyň kompýuterdäki hereketi boýunça gözleg, tekst beýany boýunça şekil döretmek, wideo üçin subtitrleri döretmek we beýlekiler bar.

Microsoft korporasiýasy täze Microsoft Surface hatarynyň tanyşdyrylyş dabarasyny geçirip, emeli aňly kompýuterleriň täze eýýamynyň başlanandygyny habar berdi.
Korporasiýa Qualcomm Snapdragon X Elite prosessorynda işleýän täze Surface Pro planşetini hödürledi. Täze planşet gurluşyň öňki neslinden 90% tiz boldy. Şeýle-de, ilkinji gezek modelde OLED ekrany ulanylýar. Kompýuter hem korpusa birikdirilen ýagdaýda, hem gönüden-göni birikmesiz ýagdaýda işläp bilýän täze çeýe klawiatura bilen gabat gelýär.

Все права защищены